# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ KARARY

«11» mart 2016 ý. № 14661 Aşgabat ş.

## Önümleri öndürmek üçin kadalaşdyryjylary we ölçegleri işläp taýýarlamagy kämilleşdirmek hakynda

(Türkmenistanyň Prezidentiniň 01.07.2018ý. çykaran № 835 karary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Ýurdumyzyň döwlet kärhanalarynda, edaralarynda we guramalarynda öndürilýän önümler üçin çig mallary, kömekçi we ýangyç-energetika serişdelerini hem-de zähmet harajatlaryny sarp etmegiň kadalaryny we ölçeglerini kesgitlemegi kämilleşdirmek maksady bilen, **karar edýärin:**

1. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi hem-de «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy önümleri öndürmek üçin çig mallary, kömekçi we ýangyç-energetika serişdelerini, zähmet harajatlaryny sarp etmegiň kadalaryny we ölçeglerini işläp taýýarlamagyň Tertibini bir aý möhletde taýýarlamaly we bellenen tertipde tassyklamaly.

2. Ministrlikler we pudak edaralary öz garamagyndaky kärhanalarda, edaralarda we guramalarda öndürilýän önümleriň birligi üçin, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi we «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy (azyk önümleri babatynda Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi) bilen ylalaşyp, çig mallary, kömekçi we ýangyç-energetika serişdelerini, zähmet harajatlaryny sarp etmegiň tehniki-ykdysady taýdan esaslandyrylan kadalaryny we ölçeglerini üç aý möhletde tassyklamaly.

3. Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti Türkmenistanda öndürilýän önümleriň özüne düşýän gymmaty we düşewüntliligi baradaky hasabatlar boýunça maglumatlary Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligine her ýylyň netijeleri boýunça bermegi üpjün etmeli.

4. "Önümçiligiň kadalaşdyryjy tehnologik binýadyny kämilleşdirmek hakynda" Türkmenistanyň Prezidentiniň 2000-nji ýylyň 21-nji aprelinde çykaran 4651-nji kararyny (Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň 2000-nji ýyldaky 4-nji ýygyndysynyň 223-nji maddasy) güýjüni ýitiren hasap etmeli.

5. Şu kararyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasarlary, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministri, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministri, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministri, «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugynyň başlygy, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygy we Türkmenistanyň Ýokary gözegçilik edarasynyň başlygy gözegçilik etmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Gurbanguly Berdimuhamedow**